***Bu barada 25-nji iýunda Türkmenistanyň bilim ministri bilen Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Rawşanbek Azadbekowiç Alimowyň duşuşygynda aýdylyp, 25-nji iýun — 4-nji iýul aralygynda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent irrigasiýa we oba hojalygynyň mehanizasiýasynyň inženerleri institutynyň talyplary S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde tejribelik geçýärler.***

Mälim bolşy ýaly, 2018-nji ýylyň 23-nji aprelinde bu iki ýokary okuw mekdebiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekilipdi. Onuň çäklerinde guralýan tejribelige hyzmatdaş ýokary okuw mekdebiniň mugallymlarynyň 2-si, talyplarynyň 15-si ýurdumyza geldi.



Saparyň ilkinji güni myhmanlar S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti bilen tanyşdyryldy. Tejribelik maksatnamasynyň çäginde olaryň umumy okuwlara gatnaşmaklary, ugurdaş edara-kärhanalara, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkyna, Oba hojalyk ministrliginiň Döwlet merkezi botanika bagyna, uniwersitetiň Okuw-tejribe hojalygyna baryp görmekleri hem meýilleşdirildi. Myhmanlar üçin medeni-dynç alyş maksatnamasy-da taýýarlanyldy, onuň çäklerinde

Все права защищены

paýtagtymyzdaky «Daşkent» seýilgähine hem baryp görerler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены